# Hupbulwatan -6 / hekaýalar toplumy

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hupbulwatan -6 / hekaýalar toplumy ÝALYN WE GYLYÇ

Kaufmanyň ýok etmek isleýän ýomutlary Hywa hanlygyndaky türkmenleriň iň güýçli we köp adamly tiresi. Olar on bir müň öýli bolup, hanlykdaky beýleki türkmen tireleriniň adam sanyna deňdir. Hywa syndyrylandan bäş hepde soň, ýagny 19-njy iýulda general-maýor Golowaçýowyň ýolbaşçylygy astynda pyýada goşunyň sekiz rotasy, kazaklaryň sekiz ýüz atlysy, on top, iki mitraleza bilen ýaraglanan raketaçylar batareýasy Hywadan çykyp, ýomutlaryň ýurdy bolan Gazawada tarap ýola düşdi.
…Goşun egrem-bugram darajyk ýollar bilen Hywadan on alty mil yzaklykdaky Gazawat kanalynyň kenaryna ýetip goş ýazdyrdy. Soň görüp otursak, biz kanalyň kenarynda däl-de, kanalyň artykmaç suwlaryny bir mil daşlykdaky çöllüge akdyrmak üçin ulanylýan ýabyň kenarynda düşläpdiris. Onuň in otuz ädim, çuňlugy on ädime golaý ekeni. Kanalyň arassa süýji suwy sagatda bäş-alty mil tizlik bilen akýardy…
…bu ýerde goşun türkmenler gelip, tölemeli paçlaryny tölärler öýdüp, uzakly gün garaşdy. Meniň göwnüme bolmasa, general Golowaçýow mundan aňryk ýörişi dowam etmek islänokdy ýa-da türkmenlere harby tölegi tölemegiň urşanyňdan amatlydygyna göz ýetirmäge puryja bermek isleýärdi.
Ýigrimi birine daň bilen goşun ýene-de ýola düşdi. Iki sagat töweregi ýörelenden soň, ýomutlaryň mes toprakly, hemme ýerde çuň kanallar gazylyp, iki gyrasyna derek ekilen ýurdy başlandy. Kiçeňräk düzlükler gök otlara bürenip otyrdy.
Özbeklere garanda ýomutlar ekerançylyga az üns berýärler. Bu ýerde miweli agaçlar örän az, däneli ekinlerem ekilmeýär diýen ýaly. Onuň tersine olaryň öri meýdanlarynyň aňyrsyna-bärsine göz ýetenok. Hiç ýerde özbekleriňki ýaly depesi diş-diş bolup duran galalar, özbek obalarynyň simwoly bolan owadan güjüm

agaçlary duşanok.
Olar at-ýataklaryny laýdan salnan pessejik jaýlaryna degrip salýarlar. Tomus aýlary bolsa, jaýyň öňündäki bassyrmanyň aşagynda oturýarlar. Şu zatlardan çen tutsaň, olar oturymly ýaşaýşň artykmaçlyklaryna göz ýetirip ugrapdyrlar.
Biz ahyry bir obanyň çetinden girdik. Obň gum-guklukdy. Oba adamlary ýap-ýaňy göçüp giden bolar;y. Sebäbi käbir ojaklaryň odam öçmändir. Bu ýerde general goşunyny tükelledi-de ýoluny dowam etdi. Diňe kazaklar goşundan bölündiler-de, obanyň içine ýaýradylar. Soňky bolup geçen zatlar meni doňup galmaga mejbur etdi. Ýap-ýaňyja hem seleňläp oturan jaýlaryň sypaldan basyrylan üçekleri, döwlüp ýetişilmedik bugdaý harmanlary ala şatyrdy bolupýanmaga başlady. Ýalyn gatyşykly towlam-towlam tüsseler asmana göterilýärdi. Men bolup geçýän zatlara has gowy syn etmek üçin atymyň başyny golaýdaky depä tarap öwürdim. Meniň öňümde eýmenç sahna peýda boldy. Göz açyp ýumasy salymda içinde ýalyndyr tüsse bar zatlary öz goýnuna dolap alyp, goşunyň barýan tarapyna haýallyk bilen ýaýrap ugrady. Bu başagaýlygyň içinde kazaklar elleri otly kesindili, edil arwahlar ýaly bolup, diwarlaryň, ýaplaryň üstünden atlaryny bökdürip, alakjap ýördüler.
…Bir ýarym sagat töweregi geçenden soň asman garalyp ugrady. Az salymdanam ýagyş ýagmaga başlady. Tomsuň ortaky aýynda ýagyş ýagmagy öň görlüp eşidilmedik hadysa däldi. Şeýdibem öňki pajygaly wakanyň üçtüne ýene-de bir ýürekgysdyryjy sahna goşuldy. Ýuwaşja çisňäp ýagýan ýagyş sönüp barýan otlaryň külüni dörjeläp, olary öňkidenem güýçli tutaşdyrdy. Asmana ýaýran tüsse aşak – agaçlaryň üstüne çöküp, töweregi içgysgynç tukatlyga gaplady. Ýuwaş-ýuwaşdan bady gowşaýan ýalnyň gan ýaly gyzyl zolaklary indi çygdamlanypdy.
Men muňa meňzeş urşuň ilkinji gezek şaýady boldum. Bu zamanda bular ýaly uruş örän seýrek duşýar.
Goşun tüssä duwlanan egrem-bugram ýol bilen haýaljak öňe süýşüp barýardy. Günortana ýakyn esasy goşunyň öňünden barýan esger gözýetimde bir garanyň görünýändigini habar berdi. Aňyrdan ýetip gelen atlylar ýaňky esgeriň deňinden saklanyp, onuň bilen gürrüňleşmäge başladylar. Olar ruslaryň öz

üstlerine sürnüp gelmekleriniň sebäbine düşünmeýändiklerini aýtdylar. Esger olary Golowaçýowyň ýanyna alyp bardy. Türkmenler öz sözleriniň ýer almajakdygyny bilenlerinden soň bolsa: «Biziň sanymyz müňlerçedir. Ruslara edenlerini eginleri bilen çekdireris. Biz indi siziň garşyňyza uruşmagy ýüregimize düwdik. Siziň islegiňiz uruş bolsa, onda bizlik gürrüň gutardy» diýip, atyp, öz ýoldaşlaryna birikmek üçin atlaryny howlukmaçlyk bilen çapdyryp gitdiler.
Rus atlary söweşe girmäge ýaman höwesekdiler. Goşunyň öňüni çekip barýan urşujylaryň ofiseri söweşe girmäge rugsat sorap, generalyň ýanyna birnäçe gezek çapar ýollady. Ýöne Golowaçýow ikirjiňlenmesini dowam edýärdi. Göwnüme bolmasa ol henizem harby töleg üçin beren möhleti tamamlanýança türkmenleriň paç töläp, söweşden gutulmagyna mümkinçilik bermek isleginden dänmedik ýalydy… Birnäçe wagt geçenden soň türkmenleriň başlaryny gutarmak üçin ýüzlerini çöllüge tutdurandyklaryny habar berdiler. Öňde-soňda söweşe girmeli bolsa, häzir tüýs wagtydy. Ahyrsoňy kazaklara gaçyp batýanlaryň yzyndan kowmaga rugsat üerildi.
Goşun iki topara bölünip çölüň edil eteginde aýak çekdi. Her ýüz atlynyň depesinde baýdak pasyrdaýardy. Adamlar, hatda atlaram söweşe girmäge höwesek ýalydy. Iki mil töweregi günortarakda bolsa, ulgam-ulgam çäge depelerini depeläp barýan türkmenleriň topary ownukly-irili mallar bilen garyşyp öňe süýşüp barýardy. Adamlaryň sany iki-üç müňe golaýdy. Olaryň arasynda çagalaram, aýallaram göze ilýärdi. Meniň pikirimçe, olar birnäçe mil öňden barýan esasy topardan yza galan bolmaly. Az salymdan olar ýapynyň aňyrsynda gözden ýitdiler.

GYRLYŞYK

Duşmanyň yzyndan kowmak üçin kazaklaryň alty ýüz atlysy saýlanyp alyndy. Men olaryň arasynda aýlanyp ýörşüme şazada. Ýewgeniý bilen ýüzbe-ýüz boldum. Ol meniň bilen mylaýym salamlaşdy-da, öňdäki çaknyşygy synlamagym amatly bolar ýaly öz atlylarynyň arasyndan ýer berdi. Ýöriş etmäge buýruk berlen badyna biz atymyzyň başyny çöllüge tarap öwürdik. Biz on

çemesi salymdan gaçgaklary ilki gezek gören depämiziň üstünde häzir bolduk. Olar biziň bir mil öňümizden başga bir depeden aşyp bardylar. Gaçyp barýanlaryň topbagy eýýäm dagap, olaryň arasynda aljyraňňlyltk aralaşypdyr.bar zat buýr-bulaşykdy. Düýelerden, arabalardan agýan ýükler atlaryň aýagyna çolaşýardy. Gaçgaklaryň dowla düşen topary duşmanyň eline galýardy. Goh-galmagal, agydyr tüpeň sesleri asmana galýardy. Men nämeleriň bolýandygyna anyk göz ýetirdik üçin atymyň başyny çekdim. Meniň öň ýanymda agan ýüküň astynda galan türkmen, aňyrrakda bolsa, ýüzi çapylan kazak serrelip ýatyrdy. Olaryň beýleräginde iki sany aýal çagalaryny bagyrtlap, özlerine rehim edilmegini sorap bozlaşýardy. Men olaryň gapdalyndan geçip barşyma: «Aman, aman» diýip, aýallary köşeşdirdim. Olaryň töwereginde döwlen arabalar, halydyr ýorgan-düşek salnan haltalar, ullakan horjundyr ýüp bilen saralan goşlar, okara-çemçelerdir hojalykda ulanylýan her hili zatlar çaşyp ýatyrdy. Goltugy çagaly bir topar aýal bolsa, kynlyk bilen öňe süýşüp barýardy. Meniň enem bilen ýaşytdaş, ýöremäge zordan gurby çatýan dolumuş aýalyňam elinde çaga bardy… Men ilkinji gezek hereketsiz ýatan türkmenleriň sanyndan elheder aldym. Şol ýatanlaryň hemmesi öli bolýanlygynda, kazaklaryň mergenligine telpek goýýmalydy. Az salymdan bar zat ap-aýdyň boldy. Men gymyldysyz ýatan türkmenleriň biriniň elini ýerden göterip, şol bada hem aşak goýberenini aňşyrdym. Olaryň köpüsi kazaklaryň gözüne çöp atamak üçin kişi bolup ýatyrdylar. Men birnäçe wagtlap bu sahnanay synlanymdan soň beýlekilerden yza galanymy bilip, olaryň yzyndan etmäge howlukdym. Pessejik alaňdan aşanymdan soň kazaklaryň batgalygy ikä bölýän gury gerşiň üsti bilen süýşüp barýan türkmenleriň yzyndan ok atyp, kowup barýanlaryny gördüm. Men ýaňky synlan ýerime golaý gelenimde üç-dört adamynyň dem-düýtsüz ýatanyny saýgardym. Ýigrim-otuz sany apaldyr çaga-çuga bokurdaklaryny çenli suwa, çümüp, kölüň içinde ösüp oturan gamyşdyr otlaryň arasynda gizlenmäge biderek synanyşyk edýärdiler. Olaryň käbiri şol ýerden özlerine rehim edilmegini sorap gygyryşýardylar. Kazaklar olara ünsem bermän öňe geçip gidipdirler.

Ýöne bir ýigrentgi ýoldaşlaryndan yza galyp, atyň üstünde oturan ýerinden gygyryşýanlaryň nyşana alyp oturan ekeni. Men onuň ýanyna baryp ýetişmänkäm ol mäşäni gysdy. Hernä onuň atan oky sowa geçdi. Ol ikinji gezek atyp ýetişmänkä atymy çapdyryp bardymda, gamçyp bilen ony ýüzkessir urup, ýoldaşlarynyň yzyndan etmegi buýrdum. Men suwuň içinde zähresi ýarylan görgülilere: «Aman» diýip gygyrdymda, onuň yzyna düşdüm. Birdenem öň ýanymda dört sany kazagyň bir türkmeniň daşyna egrilişip duranlaryny gördüm. Ony eýýäm atdan agdaryp, ýaragsyzlandyrypdyrlar. Ol dört atlynyň gylyjyndan diňe elleri bilen goranýardy. Öýne şonda-da rehim etmeklerini sorap, olara ýüz tutjaga meňzänokdy. Daşyndan seretseň, bu örän aýylgançdy. Kazaklaryň yzly-yzyndan inderýän gylyçlary türmene galtaşanokdy. «Kazaklar ony hijem öldürip bilmezlermikä? Näme olaryň elleriniň ysgyny ýokmuka?» diýen sowallar kellämde at çapýardy. Az salymdan (meniň üçin ýyl aşan ýalydy) ýaňky türkmen boýnyna salnan çuň ýara zerarly gaýdala – suwuň içine agyp gitdi. Ýene biraz ýöräp, wepat bolan äriniň üstüne abanyp, sessiz aglap oturan aýalyň üstünden bardym. Birdenem gulagyňy gapyp barýan gümmürdiden ýaňa tasdan atdan agypdym. Top oklary gaçyp barýanlaryň yzky hatarlarynda ýarylýardy. Onuň sesi çagalardyr aýallaryň çirkin sesleri, atlaryň kişňemesi, takyrlaryň içinden eýläk-beýläk ýüwürýän goýun-geçileriň, sygyrlaryň sesi bilen garyşyp, töweregi hakyky dowzaha öwrüpdi.

Birnäçe minut geçenden soň top sesi ýatdy.

Türkmenleriň hersi bir ýana dagap, depäniň aňyrsynda gözden ýitip gitdiler. Şol pusadam goşuny toplanmaga çagyrýan deprek sesi ýaňlandy. Yzyma dolanyp gelýärkäm, mende kölüň içinde galan çagadyr aýallary görmek islegi döredi. Ýöne ol ýerde olaryň birem gözüme ilmedi. Olaryň top sesinden gorkup, suwa gark bolan bolmaklaram mümkindi. Men olary kazaklar öldürendir diýip biljek däl. Sebäbi men ýaş kazak ofiseri baron Krudneriň aýallary öldürmäge synanyşan esgerleri jezakandyranyny öz gözüm bilen gördüm.

Deprekler henizem toplanmaga çagyrýardy, ýaralylar gözlenip, wraç olara tizden-tiz kömek barýärdi.

On üç-on dört ýaşly oglanyň kellesi gylyç bilen agyr ýaralanypdyr.onuň ýanynda gaýgyly, wagşy, teşne gözleri bilen wraçyň oglunyň ýarasyny daňyşyna seredip duran ejesi bardy. Sada pikirli aýal öz ogluny öldürjek bolan adamlaryň indem ony bejerjekdiklerine gaty bir ynanyp baranokdy. Wraç oglanyň ýarasyndan usullyk bilen danyp, ejesine oglunyň öljekdigini aýdan mahaly ol aýal gözlerinden minnetdarlyk ýaşyny döküp, wraçyň elinden ogşady.
Atlara az salym dynç berleninden soň, kazaklaryň birnäçesini olja alnan iki müňe golaý goýundyr geçileri, sygyrlary sürmäge ýollap, berkitmäge tarap ýola düşdük… Men gyrak-bujaksyz çölüň ortasynda galan adamlara garaba-garaba barýardym. Meniň gözüm gyzydyr ýaralanan ogluna jansyz nazaryny dikip oturan aýala düşdi. Onuň töwereginde ýoga çykarylan ähli baýlygy çaşyp ýatyrdy. Onuň ölen äriniň meýdiniň hem şu töwerekde serlip ýatan bolmagy ahmal. Uzakda bolsa, onuň ýeňlen halkynyň adamlary gözden ýitip barýardy. Ol aýal ýeňlişiň we gaýgy-gussanyň çöle salan nagşy ýaly bolup, garalyp otyrdy.
Fon Kaufman weli ýene pikire çümüpdi. Onuň hyýaly häzir Peterburgyň içinde, baş Ştabda jemlenen maglumatlaryň, jikme-jik gulaga guýlan dürli-dümenlikleriň içinde pelesaň urýardy.
«Hywada anyk alanyňda köşk ýa-da beýleki bir gaýry mesele ýok, diňe türkmen meselesi bar. Geljekde Hywanyň patyşa Russiýasy bilen gatnaşygynyň nähili boljakdygy hem tutuşlygyna şu meseläniň çözülmegine baglydyr» ýa-da «Türkmenleriň güýjüdir täsiri şeýle bir uly welin, hanyň özi-de, onuň ýakyn adamlary-da ýeterlik saklawy bolmasa paýtagtdan çykyp, hiç ýere daşlaşyp bilenoklar» diýilmeginiň gaty dogrudygyny-ha gördük. — General ýaňsyly ýylgyrdy-da: — Han diýilýäni-hä türkmenleriň üstünden agalyk etmän, gaýtam, türkmenler ony öz penjesinde saklaýan bolsa nätjek, haý, adyňa ýanaýyn seniň, hanjagaz. Hon-ha, tagtyny goramaly, ýurduny saklamaly Muhammetrahym han gorkajyk towşan ýaly gaçyp gidipdir. Özem nirä? Hut türkmenleriň arasyna! Diýseň-diýmeseňem şu türkmenler ýaman-ow! Gaýduwsyzlygy diýjekmi, gerek ýerinde tekepbirligi diýjekmi, garaz, täsin millet…
…Ýene-de sanlyja gün geçer. Boýnuna ýüp salnan kimin

Muhammetrahym han halymsyrap geler. Şonda eýýäm «tüýüni» täzeläp ýetişen Hywa hany iki elini döşüne goýup, şeýle bir ynandyrar weli, özüni Türküstanyň general-gubernatory saýýan fon Kaufman öz ofiserlerini ýygnap, şeýle görkezme berer: «Türkmenler pretoriýalylar1 we ýanyçarlar kimindir. Pretoriýalylar we ýanyçarlar öz döwründe bütinleý gyrlyp tükedilipdir. Diýmek, türkmenleri hem gyryp tüketmek gerek.
Pretoriýalylaryň we ýanyçarlaryň gyrlyp tükedilmegi döwlet paýhasynyň netijesi hökmünde ykrar edilipdir. Ine, biz üçin hem şeýle bolmalydyr. Şu aýdylan zatlaryň esasynda men biziň goşunlarymyzyň häzir hanlykda ýerleşýändiginden peýdalanyp, türkmenleri maddy hem ahlak taýdan
güýçden gaçyrmak, olaryň tekepbirligini hem kakabaşlygyny syndyrmak bilen, ýokarda görkezilen ýagdaýlary belli derejede özgerdip bileris diýen pikire geldim».
Häzir weli ol Hywa hanyny tapman, hyrçyny dişläp durdy.

* * *

Muhammetrahym han çölüň aýakýeterden buljum ýerinde, görer göze obşanaklasa-da soňky günler «ziňk-ziňk» bolupdy. Käteler dagy halys bagryny çägä berip ýatyberesi gelibiýrdi. Şeýle bolanda Hojamyrat baý byzbyltyk beýrärdi. «Hany, ýene bir mal soýuň, özem bu gezekkiňiz işek däl-de, ýaşajyk tokly bolsun», Gapdalda elini owkalap duran ýigidem ondan şeýle tabşyryk alar: «Ýet derrew, bärki oba bar-da, bir tamdyr çörek bişirt, özem süýtli külçe bolsun», ýene birine şeýle tabşyrar: «Häýt, senem ho ýerde ody bolrak ýak-da, etiň ýaglyrak ýerinden ownuk dograp, derew gömme bişirip ugra, sen bolsa…»
Garaz, Garagumuň kiçijik oýy ses-selemsiz ibirt-zibirte öwrüler.
Han bolsa, birküç gün bäri timarlanmadyk sakgalyny penjeläp, hol beýlede epeý-epeý ädimläp ýörendir.
«Beh, meniň şu edişim telek däldir-dä, Alla? Köşgi taşlap jyralyp gaçyp, bärde gum ysgap ýatyryn weli… – Ol hyrçyny dişledi: – Adam çig süýt emen-dä! Näme başa gelse görübermelidim başda garyby, nökeri, daýhany bilen bile.

«Gydy-gydy» edip, sellesi demir ýaly nakib1 gözümi-başymy aýlady-da, Rozumbaý ahun. Il bilen geleni deň çekişip, ýok, baştutan bolup «eýdiň-beýdiň» diýip oturan bolsam, gülala-güllük bordy belki. — Hanyň böwrüne şeýtan dürtüp goýberen ýaly boldy: — Wah, ýöne hökümdarlygam süýji zat weli, hökümdaryň jany özgeleriňkiden has datly ýaly-da. Goý, gyrlany gyrylsyn, meň aladam şu şirin jany aman saklamak, hazynany-mülki başybitin alyp galmak.
Apyla-hapyla sowularam weli, ýene Hywa tarap «çüw, atym!» ederis.
Köşkdäki tagta dawagär-ä ýok, şükür. Dosjan inag2 öňňün gelip gidende, özüniň dolandyrýan Hazarasy welaýatynyň uruşsiz-sögüşsiz diýen ýaly oruslara boýun bolanyny aýtdy. Binamys, hiç zat bolmadyk ýaly, gynanyp-gysylyp duranogam artykmaç. Gaýta: «Gözüm görmese syrtymy möjek iýsin» edip, «Han hezretleri, emläk aman galyp, hökümdarlygymyza zeper ýetmese, musulman boldy nä, kapyr boldy nä, gulluk edibersek niçik bor?» diýip, gözüni erejekledip otyr gutaran. Emma şoň aýtmyşyna görä, türkmenler gazap uruşýamyş…
Edil şu pursat han Hywanyň gündogar derwezesiniň öňündäki ahwalaty gören bolsa näderdikä? Diňe gündogardan däl, günbatardanam Hywa gabalypdy. Ot-ýalyn çabradyp gelen dört otrýadyň ählisem bir-birinden öňürtiläp «sarsmaz» diýlip at-owazasy gulaklara giren hanlygyň köşgüni zabt etmekçidi. Bu «bagtyň» kime nesip etjegi, kimleriň ölüp, kimleriň diri galjagy heniz belli däldi..

Tomsuň başky aýynyň başlanmagyna iki gün galanda Orenburg hem Kawkaz otrýadlary Hywanyň daş düşelen kiçijik köçelerine sygman, galanyň düýbüne alkymlap gelipdi.
Ýöne Türküstan otrýadyndan hiç hili habar-hatyr bolmazlygy ştabdakylary otdan alyp, suwa salýardy. Üstesine-de, ýerli halkyň, iň ýamanam, türkmenleriň hüjümi gyldyrganyň üstünden ýöräne dönderýärdi. Kim bilýä, Türküstan otrýadyny gözsüzbatyr türkmenler paýhyn eden bolsa?! Eý, toba! Şonuň üçin-dä, general Werýowkiniň şäheri amanyny-zamanyny bermän eýelemek üçin dyzap durşy. Kim ilki ýeňiş tuguny dikse, şoňky ähli

babatda dogrudyr. Urşuň kanuny gelip-gelip, ine, şuňa direýär. Şonda dökülen gan hem, gurban berlen jan hem, ýakylan-ýandyrylan oba-kentler hem, ýumrulan şäherler hem hasaba alynmaz. Onsuz uruş bolmaz-a. Üstesine-de, kimiň ýaragy rüstem bolsa, ýeňiş tugam şonuňkydyr.Ýeňiş tuguny näçe ir göteribilseň, duşmanyň diňe ýarag taýdan däl, ruhy taýdan asgynlar duruberer. Şonuň üçin, diňe öňe!
Ýöne diňe türkmenler däl, hywalylaryňam garşylyk görkezmesine dodak çöwrer ýaly däl – General giç guşlukda ýaýbaňlanan «Hökman eýelemeli!» diýlen zabun hereketiň henizem dowam edip gidip oturşyna içi ýanyp, dişlerini gysanda, tas eňegi şakyrdapdy. Goý, gan dökülibersin, ahyrsoňy ýeňşe ýetilse bolýa, galany owarram. Içigargalmyş, han goşunlaryna bi towhuldap atylýan toplar nireden düşüp ýörkä Hon-ha ugurylla atylanam bolsa, gör, patyşa goşunlarynyň näçesini paýhyn etdi. – Ol ýene-de söweş gidýän tarapa gulak gerdi, dürbsini gaýta-gaýta gözüne eltdi.
– Jenap general, galanyň derwezesini ýumurmak heniz başardanok. Ýöne edil alkymyna baryldy…
Ol adýudantynyň çaň siňen ýüzüne çala göz aýlap: «Näme haslaýaň, bar getiren habaryňam şumy?» diýen manyda parhsyz ardynjyrady.
– Duşmanyň öňdäki berkitmelerini doly kül etmeli, şuny polkownik Danilowa ýetir!
– Hut şeýle ederin, jenap general!
– Dur, nirä howlugýaň. Gün batýança her edip-hesip edip galany eýelemeli. Şuny başarmadyk ofiserler öz çininden dyndy biläýsin. Gidip bilersiň!
Adýudantyň haýsy tarapa gidenine göz ilmän galdy. Ýöne general her näçe damak ýyrtyp dyzasa-da, ertirki günüň ujy gyzarýança içki köşge golaýlap bilmejegini aňanokdy.
Galanyň beýle gapdalynda söweşip ýören hywalylar weli häzir bialaç yza çekilmeli bolupdy. General Kaufmanyň baştutanlygyndaky Daşkent otrýady olary gysaja salyp, aldym-berdime diräpdi.
General Werýowkiniň howlukmasam şonuň üçin-dä! Ol bagtygetiren öňürtiläp şähere giräýse bar abraý, bar dereje şoňa gider. Ol

ýerde – Newanyň kenaryndaky Piterde, ylaýta-da baş Ştabda seň: «Men ýetdim-
etdim» edeniň witjik bolup galar onsoň. Ýok, seni ernisuwly hasaplamasalaram, «Beh, generalyň generaldan tapawudy şeýle darkaşda bildiräýýä» diýip, baý, hetjiklärler-ä. Özüň rüstem bolandygyňy düşündiribilseň ärmämmet bolaýyn. Ýo-ok, başarmarsyň!
Ol ýene-de adýudanty ýanyna çagyrdy:
– Buýruk şeýle. Türküstan otrýadyndan öňürtiläp, her edip-hesip edip, şäheriň bir derwezesini döwmeli. Tapawudy ýok, top atyň, başga zat ediň… – General ahmyrly ýuwdunjyrady: – Düşündiňizmi diýýän?!
Geplemäge-de gorkan adýutanty ýer ýuwdana döndi.
Şäheriň goragyna diňe hywalylaryň özleri däl, Hazaraspdan, Manakdan, Gürlenden, Pitnekden… gelen arslan ýaly ýigitlerem söweşe gatnaşýardy. Olaryň arasynda ýel ýaly bolup at salýan gaba telpeklileriň türkmenlerdigini soraman biläýmelidi. Tüýs: «Baýlar-a bähbidin arar, pukara hupbulwatan» diýlenidi. «Ýa Alla, özüňden medet!» diýip, döş gerlişi zabundy. Ýöne ýaragy rüstem, harby hereketi sazlaşykly, berk düzgünde söweşýän ors goşunlary olary hut palaç ýatyrana dönderýärdi. Şonda-da, tä läş bolýança söweşýän hywalylar, ertesi Gün çäş boýy galýança derwezäni sakladylar.
Eýmenç partlama zähreleri ýardy. Beýle hüjümi heniz görmedik han goşuny dowul tapdy. Ilki jyralyp gaçanam Sadulla mähter1.
«Ir sagat dokuzda şäher eýelendi». Bu ýazgyny general Werýowkin aýratyn nazym, üýtgeşik keýp bilen ýandepderçesine ýazdy.
Şonuň yzýany eýýäm Türküstan otrýadam gelip ýetişipdi.
Gorkudyr wehimden ýaňa gamyş kimin titireýän köşk emeldarlary ýeňijileriň öňünden duz-çörekli çykmagy towakga edip, han hezretleriniň daýysynyň töwereginde hozanak bolup ýördiler.
… «Geçä jan gaýgy, gassaba – ýag» eden Muhammetrahym han bolsa, henizem ýag basan ýeňsesini ýellendirip, öz ýanyndan kelle döwüp otyrdy.
– Han aga, gömme-hä taýyn bolupdyr…
Hojamyrat baý sözüni soňlap ýetişmedi. Gabaklary bilen «Ýer

çyzyp» oturan han «Hiç zat gerek däl» diýen manyda el salgap, öýkelän çaga ýaly gapdala bakdy. Ikijahan owarrasy bolan baýam sakgalyny goşawuçlap duruberdi.
«Hä-k, bu boluşda hemme zat bulaşaýmasa ýagşydyr. «Ýagy ýaman sürýä» diýlen habar, geleniň atdan düşüp-düşmänkä aýdýany. Ertir tagtyndan taýdyrjak bolsalar başyma ýapaýynmy bu ýüzüni bulut ýaly edip oturany?! Ne görgim, janymy töwekgellige salyp, muny adam-a beýlede dursun, it-guşdanam gizläp, üstesine-de, agzyndan, ardyndan dykyp oturyp, çykdajy baryny edip. Wah, meni öldüreniň kesewisi gögär. Halk bilen bile boluberemde, allanäme abraý bordy. «Ertirki günüm bulanmasyn diýip, şu handan atalyk1 tamakin bolup, gury «gul-gula» düşenim galan bolaýmasa. Han-ha: «Hojabaý mirap töweregine gylyç syryp, ot syçradyp duran ýigitleri ýygnap, gelýän duşmana bürgüt bolup topulýar» diýen habar
gelýä çar ýandan. Men bolsa tilkiguýruk hanyň janyny aman saklajak bolup, bukdaklap ýörün.
Ertirki gün «Agyr günde gaçyp giden hany başymyza ýapalymy?» diýip bu oturandan ýüz öwräge-de, başga birini tagta mündürseler, ber jogabyňy, Hojamyrat baý?! Bir jelagaýa atalyk ýa beg bolmakdan-a geçen, yzyndaky ryswalykdan gaçyp nirelere gidersiň onsoň?! «Dinden çyksaň çyk, ilden çykma» diýleniniň tersine giden diýlip ýekirilip, maldan-mülkden el ýuwdurylyp, gyrakladyp goýberseler bu sakgalyny selkildedip oturan han ýadyňa düşmeze dönersiň şo wagt. Wah, paňkelle, «Kyrkyň içinde janyny gaýgyran kapyr» etmän, menem «ölsem-öleýine» salyp, il bilen bile bolmaly ekenim. Ýöne Hojamyrat baý, meger, indiki tüýküligiň sakgal ezmese gerek?!
Diňe işdäsi däl, içem ýanan baý aýagyndan degirmen asylan ýaly bolup, doňňaradaşa dönen hanyň ýanyndan gyrmyldap gitdi.

* * *

Söweş ýetjek derejesine ýetdi.Ýekeje hereketem, birje wakanam gözden sypdyrmazlyga çalyşýan Mak Gahan galamyny gündeliginiň üstünde aldygyna haýdadýardy. Ol häzir Gurbanmämmetleriň obasynyň içinde jaýlaşypdy.

Dogrusy, Gurbanmämmet ony görüp ýetişdi. Amerikaly hem gara gözleri gahardyr ahmyrdan ýaňa apbasy ýaly ýanýan, göwresiniň, ýok, ýaşynyň kiçiligine içi ýanýany gödekleç, ätmer hereketlerinden aňdyrýan hortap oglany gögümtil gözlerini gyrpyldadyp-gyrpyldadyp synlap, deňinden ötüpdi. Eger ol şu oglandan geljekde Aziýanyň Hazardan Pamir daglaryna, Gazagystandan Kaşamir aralygynda ady ýel bolup ýaýrajak han çykjagyny bilen bolsa, hökman atdan düşüp salamlaşardy. Häzir weli gözüne siňen suratlary ýazgy etmäge howlukýardy.
… Ol yzyny ýazyp ýetişmedi. Çawup gelen ok gulagynyň ýokary etegini sydyryp ötdi. Gorkujygyna ýere ýapyrylanda gözdäki… guma gaçyp, burnuň ujy ak çaňa gömlüp gitdi.

* * *

Hojabaý mirap dagynyň Aktakyryň eteginde duşmany saklamak synanyşygy syndy. Ýogsam agyp-dönmek üçin saýlanyp alnan ýer at dakar ýaly däldi. Iki gapdalyň-a Garagumuň akyp ýatan ak çägesi, bir gapdalyňam suw ýygnanyp, suw ýygnanyp, çalpawa öwrülip giden oýtaň meýdan. Onuň gyrasyna barsaň atyň, topuň-a beýlede dursun, özüňem aýagyňy batyp-çümüp almaly. Şu ýylyň gyşynyň, baharynyň bol gelen ygalyndan ýaňa-ha ol häzir çaýkanyp ýatan köle öwrülipdi. Guran hyşa-gamşy basyp çykan parç baldaklar ümürsine dönüp, daşdan görseň gara tokaýy ýatladýardy. Öňüň bolsa tüýs adyna laýyk adyrlyk-takyrlyk, garynja gymyldasa-da görnüp dur.
Sazagy çerkezi, gandymy, çetisi gür biten giň gumuň arkasy tüýs duşmana «gel bäri!» diýip ýaplanyp ýatmaly ýerdi. Bu ýere dört obanyň – Bedirkendiň, Müjewiriň, Kepderihananyň , Buzgömeniň «algyr bürgüt» ýaly diýilýän ýigitleri ýygnanypdy. Ýok, diňe ýigitler däl, eline ilen zady ýarag edinip, özüni duşmanyň üstüne zyňmaga herdem taýyn ýygynyň içinde ýetginjeklerem, sakgally-sarmykly ýaşulularam göze ilýärdi.
Oglan-uşaklaryň, mal-garanyň, derde ýararly goş-golamly kerweniň guma siňeni ýüreklere az-kem teselli berýänem bolsa, on iki süňňe ornan galagopluk garru-ýaşyň keşbinde mesaňa görnüp durdy.

– Allanäme bolmasa-da, garaz, Hudaýa şükür ederlik günümiz bardy. Indi «Iki göç bir talaň» bolar barybirmikä, ýa soňy düzelermikä bu belalaň?
– Wah, derdimizi gozgama, Öre aga. Edenine kaýyl gezip ýörmäň, goh-galmagalsyz ýatyp-turmaň gadyryna şuň ýaly bela-betere duşaňda düşünýän ekeni adam pahyr. Biriniň üstüne toply-tüpeňli sürnüp gelmek, heý, haýsy kowahada, niçik dine sygýa, biz-ä akyl ýetiribilmedik.
– Hernä soňy haýyr bolsun-da, Musaguly… Men-ä…
Bu gürrüň ýene-de gyzjakdy weli, häli oba etegine giden goşa atlyň – aňtawçylaryň gorgunlap gelmegi bilen ol gapbile ýetmän üzüldi.
Gylyç syryp, ýek-tük hyrlydyr pelteli tüpeňleri nyşanalap duran ýüzden gowrak goşuna Halmuhammet baştutanlyk edýärdi. Onuň esasy maslahatçysy Hojabaý mirapdy.
– Duşman göni bärik sürýär. Özem ot-ýalyn. Öňüne düşeni urup-urjaşdyryp, atyp, otlap gelýär. Iň erbedem…
Dodagyny ýalap, demi-demine ýetmän gepleýän atlynyň habarynyň arasyna Halmuhammet gyssanmaç sorag goşdy:
– Sany näçeräk, ýaragy niçik, bilibildiňizmi?
– Atlysy-ha heýwere kän. Ýaragy ýaman düzüw zalymlaň, ýogsam garamçasyndan çekinmese-de boljak weli. Atda mergen çykdy gidip barýakak öňümizden tasap, reňki arwah göreniňki ýaly. «Näm boldy?» diýsek, «Men aýtmaýyn, sizem diňlemäň weli, gelen ýagy biziň Ýaňyýap obamyzy oda berdi» diýip aglap goýberiberdi pahyr!
– Zalymlyk bomy beýle-de bir?1!
– Adam däldir, jellatdyr olar.
– Kapyr tüýli diýleni-dä!
– Läş bolsak ne arman şu topragyň üstünde?!
– Dogry aýdýaň, Hudaý bizlikdir.
Barha gazaply çykýan goh-galmagaly Hojabaý mirabyň ýognas sesi ýatyrdy:
– Duruň, adamlar, sese bat bereniň peýdasy ýok. Ýaňyýaplylary gyran duşman bizem sylap goýmaz. Dogry aýdýaňyz, bala-çagany, öý-ojagy, şu topragy gorap läş bolsak, ne arman?! Ýöne ölmek bar, ölmek bar. Herimiz on duşmany alybilsek ajalymyza

ökünmese bor. Şoň üçinem toplanyp däl-de, ýaýraw bolup çozsak, gerek ýerinde halka ýasap goransak makul bolmazmy, Halmuhammet?!
Gepe salym galmady. Gaýradan tüweleýläp inip gelýän ors goşunlary göründi. Halmuhammediň sesi çaslydan howlukmaç çykdy:
– Hojabaý aga, sen ýanyňdaky atlylar bilen alyndan ur. Begmyrat, sen ýigrimi-otuz ýigidi al-da, hol çepdäki hyşalyga siň, Musaguly senem gapdaldaky belent depäň aňyrsyna dulan. Galanlaryňam meň yzyma düşüň. Men at goýýançam gozganmaň özem…
Iki tarapdaky atlu-pyýada bir-biriniň üstüne sil bolup eňterildi.
– Ýa Hudaý-ý, özüň golda!
– Ölelik ýa alalyň!
– Öldürsek kazy, ölsek şehit borus!
– Görogly gaýratyny ber, Biribar!
Şu wagt ýalançy dünýäň bar gohy-tupany bärdäki ak çägeligiň etegine ýygnanan ýalydy. Janalgyjy sesler dürli-düregeý bolup ýaňlanýardy, tüpeňlerden ajal bolup çykýan oklaryň jassyldysy, gylyçlaryň jarka-jarkasy, atlaryň horgurmasydyr toýnak güpürdisi, galmagal, sögünç…
Hojabaý atyny batly debsilände, egri gylyjy dik depede şowurdady. Ýapyrylyp barşyna göze del görülýän geýimli esgerleriň öň hataryna nädip ýetenini duýmanam galdy. Duşman türkmenler beýle sazlaşykly hereket eder öýdüp göwnüne-de getirmedik borly. Haňlap diýen ýaly ýatan obalary darap, gabat gelen ownuk-uşak söweşlerde demi rüstemlik eden ýagy badyhowady, gelşinde: «Siz nämejik, piliň aýagynyň aşagyna düşen garynjadan enaýy dälsiňiz» diýen tulumly tutum bardy. Hojabaý muny turuwbaşdan aňdy. «Hop ýagşy, ýokary tutan temegiňizi ganjardyp bolmazmyka siziň?!» diýibem ýalaw ýaly gylyjyny has berk gysymlap, öňe howlukdy. Badyna-da gözi ýok ýaly öňe omzaýan togalakdan ýasygaryn esgeri atdan agdardy. Tüpeňini uzadyp, çakmagy çekmäge ýetişmänkä, ýabany pişik çakganlygynda eýerden öňe towsan Hojabaý onuň omzunyň ýokarsyndan gylyjy aýlap saldy. Kellesi gapdala gyşaranda onuň agzyndan däl-de, bokurdagynyň düýbünden çykan bögürmä meňzeş

çirkin gykylyga bükürdi uran ýognas at jany çykyp barýan läşi süýräp äkitdi.
Çala gapdala göz aýlan Hojabaý ýapyrylyp barýan Musagulynyň hem bir duşmany kaklanyny görüp çala ýylgyrdy. Ýöne şo bada-da ýylgyryş onuň dodaklarynda doňup galdy. Çawup gelen gülle kellesini has dikläp, öňe ymtylan Musagulynyň çat maňlaýyndan girende, çynar ýaly ýigit agzyny açmaga-da ýetişmän, eýerden bir gapdala gyşaraýdy.
– Wah, ýetişmedim-ä! Geç günämi, dogan!
Şuny aýdan Hojabaý gazap bolup öňe atyldy. Ony atan esger bolsa özünden minnetdar halda ernini gyşardyp, ýene ýaragyna ok sürýärdi. Hojabaý onuň gözünden sowa düşüp gapdallap bardy. «Hä-k, haramzada, seňki ýaly ýaragym bolanda nijäňiziň içini ajy tüsseden doldyrardym weli…» Berk dişlenen aşaky dodagyň awusy ýüregine baryp ornanda birden onuň eli Nygmat täjiriň sowgat eden naganyna degip gitdi. «Türk» janym gurasyn! Gara gylyçdan başga ýaragyň bary ýada-da düşmändir». Onuň nädip agany guşakdan sogrup, nädip çenänine göz ilmän galdy. Tüpeňini oklap ýene öňe somlan mele saç, möle göz esger weli bir wägirdi-de, çep gursagyny tutmaga-da ýetişmän gürpüldäp gaýtdy.
Hojabaý walalaýlap özüne tarap atyny öňürdikledip gaýdan deşliden uzyn esger bilen ýüzbe-ýüz boldy.
Daş-töwerek hakyt «gan-da pyçak» diýlene dönüpdi. Serlip ýatan jesetleri basmajak bolýan atlar bükürdi urup ters aýlansa, janyndan gorkup, göni sürýän esgerleriň haýkyrmasydyr sögünmesi tüpeň sesidir gylyç şarkyldysynyň içinde eräp gidýärdi.
Türkmenleriň beýle gazaply hem hileli darkaşyndan elheder alan ýagy yza tesip ugrady. Mundan beleň alan ýigitleriň gaýraty goşalanana döndi. Begmyradyň ýigitleriniň ýerden zomana meňzäp hyşalygyň aňyrsyndan birden at goýmasy duşmanyň çep ganatynda başagaýlyk döretdi. Musagulynyň ganyny aljak, aryny ýerine saljak bolup dyzaýan ýigitlerem sag gapdalda aldym-berdim döredip ýördi.
Ýöne… sähel yzda galan ak urpakly depäň tozap gitmegi beýle zady ozal görmedik ýigitleri aňk-taňk etdi. Gulagy gapara

getiren gümmürdi ikilenç ýaňlananda karteç bölekleri yz hatardaky atlylaryň bäş-altysyny serreltdi.
— Çekiliň! Top atýalar, çekiliň!
Halmuhammediň bu çirkin sesi söweş meýdanynyň depesinde ýaňlanyp gitdi. Gany gaýnan türkmenler weli läş boljakdy, emma hergiz yza çekiljek däldi.
Hojabaýam uzyndan dyzmaç kazagy ebeteýine getirmäge hyruçlanyp öňe-öňe omzaýardy. Şol wagtam üçülenç bolan gümmürdiniň yzýany sag uýlugynyň gyzyp gidenini syzsa-da, ol yza däl-de, öňe döndi. Naganynyň iň soňky okunyň pys geçmegi bolsa onuň gözlerini ganguýma edipdi. Beýle-beýle söweşleri kän görenini aňdyryp, nagan özüne çenelen wagty kazak atyň gapdalyna özüni taşlaýdy. Gulagynyň düýbünden şuwlap geçen okdan tisginen at kazagy eýýäm çete çekipdi. Hojabaýam ony sypdyrjak däldi, ýöne şapba atyny jylawlap yza dönderene gözi düşende süňňi gowşaýdy. Ony jeň meýdanyndan zorlap diýen ýaly çykaryp barýan Halmuhammetdi.
Yza çekilmelidi, başga ýol galmandy.

* * *

Mak Gahan ýene-de ýazyp ugrapdy. Aşa tolgunmakdan ýaňa, onuň galamly eli sandyrap-sandyrap gidýärdi. Mahal-mahal çürüräk maňlaýyny owkalap, ýok ýerden derçireýän burnuny ýellendirip, gyrp-gyrp edýän gözlerini eliniň ýeňsesi bilen çalyp goýberip, ol howlugyp-daljygyp ýazýardy:
URUŞ SAHNASY

Ertesi günem öňümizden çyksn ähli zady ýykyp, ýakyp-ýandyryp ýörmegimizi dowam etdirdik. Biziň yzymyzda ýomutlaryň üç mile golaý giňişlikdäki ýerleriniň köräp duran külünden başga zat galanokdy. Men ýakyş operasiýasyna has ýakyndan syn etmek maksady bilen ýoluň sag tarapyndaky zatlaryň ählisini ýakmaga buýruk alan şazada Ýewgeniniň ýanyndan atymy sürüp barýardym. Onuň bu işe höwes bilen toplumaýandygyny görüp duranam bolsa, berlen buýrugy birkemsiz ýerine ýetirýärdi. Buýruk ýakymsyzdy, ýöne bu syrly ýurduň (Russiýanyň) parahatçylyk söýüji we düşünjeli adamlarynyň arasynda, megerem, bikanunçylykdan doly

ýumşy ýerine ýetirmäge bolan wagşy höwes oýanypdy. Biz haýatlary böwsüp geçip, öýleriň gapylaryny döwüşdirip, ondan-oňa at çapdyryp ýörşümize her ädim burum-burum tüssedir ýalna öwürýärdik. Öýleriň içinde galdyrylan zatlar örän seýrek duşýardy. Käwagt ownuk-uşak gap-gaçlar, gaçyp, tozan jüýjeler, lagşan atlar, göçüp gidenleriň yzyna eýgermedik göleler, diwarlaryň ýa-da üçekleriň üstünde tä üstünde ot çabyrýança daş-töwerekde bolup geçýän zatlara göwnüýetmezçilik bilen syn edip oturan pişikler gabat gelýärdi. Taşlanyp gidilen ýa-da ýaşan öýlerini terk etmäge dözmedik itler örän seýrek duşýardy. Olar biz ýakynlaşyp ugranymyzdan gaharly üýrüşip, gaçyp gidýärdiler. Bir gezek men rehimsiz oduň içinden galyp, gözgyny çyňsaşýan güjük çagalaryň üstünden bardym. Sagat ikilerde biz on iki mil yzymyzda galan berkitmä tarap gaýtdyk.
Ertesi edil düýnki ýaly otly bilen ýanaýjak zatlaryň baryny ýakyp-ýandyryp bilen meşgullandyk. Şeýdip ýörüşimize biz günortana ýakyn Gyzyl takyr düzlügine gelip ýetdik. Bu giden bir çägeli ýalazly meýdan eken. Birnäçe milden birki sany ýaşaýyş jaýyna duşaýmasaň bu ýerde başga yns-jynsa gözüň düşenok. Töwerek gazylan kanallardan doly. Olaryň käbirinde henizem suwuň barlygyny nazara alsaň, bir wagtlar bu ýerleriňem bol hasylly, ekerençylyk üçin amatly bolýandygyny çaklamak mümkin. Biziň alyp barýan urşumyz ýaly gazaply uruşlaryň birnäçesi bu ýerleriň bag-bakjalaryny ýele sowrupdyr. Markow ilkinji gezek türkmen çöllügini kesip geçende şu ýerde düşläpdir.
Biz günortana golaý taşlanyp gidilenine köp wagt geçen bag-bakjaly öýüň golaýynda düşledik. Günorta yssysy beýniňi iýip barýardy. Günüň galan bölegini hem şu ýerde geçirmegi karar etdik. Köp wagt geçmänkä men bir türkmen oglanjygynyň tutulandygyny eşitdim. Töweregindäki goh-galmagaly piňine-de alman, bagyň saýasynda uklap ýatyrka onuň üstünden barypdyrlar. Onuň ýaşy onikiden kän bolmasa-da, ýüzi uly adamyňky ýalydy. Ol goçak kellesi, ýasy çekgeli, gür gaşly jaýty burun, saryýagyz, akylly gözleri ýanyp duran oglandy. Ol ejesiniňem, kaksynyňam ýokdugyny, özi barada alada edýän daýysynyň bolsa, uklap ýatyrka ony taşlap gidendigini aýtdy.

Soň görüp otursak, ony bilgeşli taşlamandyrlar. Oglanjygyň ryslaryň arasyndadygyny bilen badyna daýysy ony idäp gele-gelmäne-de bagryna basdy. Ol juda garagol bolansoň, rus esgerleriniň çäksiz hormatyndan peýdalanýardy. Esgerler oňa täze eşik geýdirip, rus dilini öwredip başladylar. Dynç almaly wagtymyzyň ep-esli bardygyndan peýdalanyp, men ýykylan Yzmykşir galasyna aýlanmaga gitdim onuň meýdany dýrt akra (2 ga) golaýdy, kä ýerlerde belentligi 30 ädime ýetýän diwarlaryna hiç zat kär etmändir. Gala çig kerpiçden däl-de, gowy edip bişirilen agymtyl-gyzyl kerpiçden salnandy. Kerpiçleriň uzynlygy alty dýuma, galyňlygy bolsa 1,5 dýuma golaýdy. Hywalylar galany beýdip salmaýarlar. Megerem, bu gala hytaýlylaryň ýa-da parslaryň höküm süren zamanasynda salnan bolsa gerek.
Biz dynç alyp otyrkak kaufmanyň başda türmä salan ýomut ilçileri gapdalymyzdan geçip gitdi. Olaryň ugry gaçyp giden ildeşlerine tarapdy. Olaryň ikisi gaçmaga synanyşan mahaly öldürilipdir. Galanlaryny bolsa, ildeşlerini paç tölemäge yrmak şerti bilen boşadypdyrlar. Ýöne bolup geçen wakalardan soň olaryň sözüniň ýer tutmajagy görnüp dur.
Ýigrimi dördünde ir bilen biz ýolumyzy dowam etdik. Biziň kesip geçmeli çölümiziň içinde ýakmaga ýaramly hiç zadyň ýoklygy sebäpli ýakyş operasiýasy bes edildi. Şeýdip, ýomutlaryň ýurdunyň ýüz millik territoriýasyndaky bar zady küle öwrüp, biz biulen dostlukly gatnaşykda bolan özbekleriň ýurduna ýetdik. Biz ýolda ýomutlar tarapyndan öldürilen pürsiýanyň üstünden bardyk. Onuň tenine azyndan ýigrimi gezek gylyç degipdir. Wraç onuň ýaralaryny daňyp, medan gospitalyna ýerleşdirdi. Ýöne ol indi adam boljaga meňzänokdy. Sagat onlaryň töwereginde uzakda barlagyň garasy gözümize ildi. Ýene bir sagat töweregi ýol ýöräp, Ýylanly şäheriniň iki mil golaýymdaky gür baglygyň saýasynda goş ýazdyrdyk. Biz öz çadyrymyzy gurup ýörkäk, «Bazar» diýip, gygyryşyp, ýanymyza ýetip gelýän özbekleri gördük. Ýigrimä golaý özbek bäş-alty araba gawun, gyzgynjak bugdaý çöregini, birnäçe küýze çüýt getiripdir. Özbekler rus basybaljylaryny yzygiderli iýmitdir içgi bilen üpjün edýärdi…

…Birdenkä deprekleriň howsalaly gümmürdisi eşdildi. Çöl tarapdan türkmenlariň ýakynlaşyp gelýänini habar berdiler. Biz şol bada ýerimizden böküp turup, eşiklerimizi geýip, naganlarymyzy bilimize gysdyrdyk. Her kim ýakynlaşyp gelýän duşmany görmek üçin arabalaryň, beýgiräk depeleriň üstüne dyrmaşýardy.

Gurbannazar ORAZGULYÝEW. Hekaýalar